# Rownakyl yslam (Wepaýy) 1

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Rownakyl yslam (Wepaýy) 1 Rownakyl yslam (Wepaýy)

Bismillähi rahmanir rahim

Sena lil halyka gabrau efläk,
Ýaratdy katradan göwheri päk.

Semawat öýüni tutdy magallak
Jahana hökmüni görsetdi mutlak.

Kylyp gabra mydaryn zumme hut,
Beni Adamga andan kasam eder kuwt

Pedid etdi jahan içre fewasyl,
Kylar her pasyly türlük nyşan hasyl.

Ajap sungu ajap ehkämi takdyr,
Kylar bir karysdan älem gözün seýir.

Erada kylsa ol haýýi towana,
Kylar bir lahzada bilmezni dana.

Safy topragyn etgeç jan bile jisim
Niçik kim eýledi dana i her isim.

Halas etse birewni rabbi efläk
Kalar dag astyda ondan çykar päk.

Niçik kim tutdy tupan deştu dagy
We läkin bolmadt howly Nuh aýagy

Halylalla üçin ýandyrdylar nar,
Gadam goýmaý o şol ot boldy gülzar.

Gazap ýeli adylarny kyldy nabud,
Idi ol ýel nisim tabyg hud.

Balyk garnynda bir sahyp keramat
Çil olturdy we çykdy salamat.

Eger emir etse kimni parykyl park
Eýlär bir lahzada garb üstünde şark.

Niçik kim dostuny soltan kunin
Ýetirdi sagatda kaby köwsin.

Eger her kimge berse uzzu ämädad
Geler hyzmatyga jynu adamzat.

Süleýman kim ögürdi ynsy jyndan
Onuñ permany erdi bir neginden.

Azyz kudrat namlyg eýledi paş
We ger ne kadary erdi bir derem taş.

Kelim elgindäki kutlug asaýy,
Gähi köprük idi ki ajdahaýy.

Azyz kudrat namlyg erdi eý dost
We ger ne erdi bir kad çöp bi post

Eger emir eýlese kunin bir paý
Bolar bir peste ne puçagyna jaý.

Didiler hazreti ruhul eminni
Ganat ýazsa tutar ruýy zeminni

Onuñ dek Jebraýyl sedre i perwaz,
Muhammed ýeñide aýtar idi raz.

Eger kylsa birewni haklygyn paş
Şahadat bergusy kähwärede ýaş.

Azyz etse kaýu kulny o şol şah,
Egerçe astyga tüşse tapar çah.

Süleýman hyzmatyda kyldy perwaz
Hasabyn bilmegen şahyn we şahbaz.

Belli bir per hüd-hüd idi päk,
Diýdi soltanyga ary we lebbik.

Meded kylsa Hudaý älem aram
Jib etse yşarat aýrulyr aýy.

Kişiniñ rusazyn ger kylmasa kem,
Ýeter her ýerde mähnet kylmasa hem.

Kelimen çäresin kylmas üçin zerd,
Çykardy lahzada Nil astydan gerd.

Niçik kim hazraty Salyh üçin paş,
Bälalyg düýe dogdy hökmiden daş.

Ýiberdi Merýeme ruzy melekden,
Mesih madaýa tüşdi pelekden.

Ezelde her kişini eýlese sagd,
Halyl ogly dek etse sadyk ulu Ad.

Eger zebh etseler kaýtarmagaý kaş,
Görünmeýe baş onuñ aldyda barmyş.

Kim berse jahalat hamrydan jam,
Behişt aldyga gelse basmagaý kelam.

Ýeter rahmet suwy gök köw käbine ýetişmes katra i gümrah lebine.

Görüñ bu Talyb bile bu Lehebni,
Ulug derýa lebide höşk lebni.

Egerçe ot bile suwda bolar park,
Çykardy suw mekandan niçik bark

Eger çendiki şemyg otdan bolar jemg,
Kara suwdan kylar göz nurydek şemg.

Kaýu bir kudratyn kylmak gerek ýad
Erur kasyr akyl adamzad.

# RESUL SALLALLAHY ALEÝHI WESELLEM NAATLARY BEÝANYNDA

Drud bagydu hadiýýi dinga
Resul rahmeti lil äleminge

Hudanyñ dosty muhtaryl kuraýş
Mydam ymmat üçin talh erdi aýyş.

Imes möwjud anyñdek göwheri päk,
Delil oldurki geýdi täji löwlek.

O şol şahynşah ki şemyg dyndyr
Onuñ perwanasy ruh alemindir.

Diýdi: »Magbud onyñ adyn Muhammed
Mukamatyga hergiz ýitmedi hed.

Tüşürmeý ýer ýüzüge saýasyny
Ýetirdi arş öýige paýasyny.

Kadam basgan menzili erdi bir ata
Sahaba bäz erdi başyda çeta.

Jümle nygmat matluby kunin
Kemalydan mesi kabu köwsin

Şerafat mundan ötmez sünneti parz
Ýörüse ta hruj dabetil arz.

Hemme dinden bolupdyr dini bela,
Güwähi hezret Wajyb tagala.

Onuñ öwsafynyñ ýok intihasy
Nagu ýetmes dise waspyn hudasy.

Hudanyñ rahmeti bolsun dema dem
Onuñ öwladyga ashabyga hem.

Arap elipbiýinden türkmen kril elipbiýine geçiren: Hoja ogly Magtymguly

Elektron görnüşe geçiren: Peşeñ ogly Afrasyýap Goşgular